# Eý, nebiler serweri, eý, nury-aýnym, Mustapa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý, nebiler serweri, eý, nury-aýnym, Mustapa…



Eý, nebiler serweri, eý, nury-aýnym, Mustapa,
Sen-sen-u köňlüme kuwwat, hasta janyma şypa.
Ýok dilim waspyňa laýyk şerhy-owsapyň eteý,
Saçyňy «Welleýl» diýmiş, Hak ýüzüňi «Wazzyha».

Ähli usýan içre galsam ruzy-magşar, ýa, habyp,
Kyl meni biçärägä desti-şafygyň merheba.

Äli-eshabyň iti men astanyňy ýastanyp,
Goýmuşam ýüz olaryň sary tutup men ilteja.

Nury-hak sen äleme, dogduň kuýaş dek serbe-ser,
Hezretiňde kylma biz biçäräleri binowa.

Jany-dilden eýle kim sytdygy-tasdyk eýleban,

Küfr ili imana geldi, boldy küfr ondan jyda.

Eýle kim ýagşy-ýaman parhyny eýläp, kyldy dat,
Adlyndan tutdy ömrüniň älemi nury-zyýa.

Röwşen oldy ylymdan Osmanyň yslam dini,
Halk içinde boldy ol yslam iline rehnema.

Din gylyjyn baglanyp, Düldüle bolgaç şasuwar,
Haýbatyndan küfri-kapyr ähline düşdi kaza.

«Lahmuke lahmi» diýdiň, ganyňa ganym hem ýene,
Söýdüň any jany-dilden, eý, resuly-kibriýa.

Iki gözüň nury ol şah Hasan birle Hüseýin,
Boldy zalymlar golunda kim şehit ol Kerbela.

Galdy ondan ýadygär ol şahy Zeýnelabdin,
Katyg kowmy-Ýezit etdi uruş tygy-jefa.

Paýzy-rehmet ýetirip, äleme boldy rehnemun,
Ol Muhammet Bakyry-Salyr-u Sadyk öwliýa.

Zahyr-u batyn hakykat ylmyny sarp eýledi,
Käşifi heddi-dakaýyk jagfary-nury-hüdä.

Rahaty-gufrany, rehmeti-serweri Kazym Aly,
Şäkeri-sabyr halawat içre ol bahry-safa.

Hem Aly, Musa, Ryza şahbaz jümleýi-öwliýa,
Şafygy-ähli meriz dafygy-külli-bela.

Hem takydyr jümle takwa ähliniň serriştesi,
Älemi-many durar kim döwleti her du sera.

Hem taky ol, päkbazy mürşidi-ähli ýakyn,
Mungymy-ähli sagadat, aryfy-ähli-ryza.

Eskeridir döwleti didara dahyl bolan,
Tapdy ol Hak hezretinde menzili-yzz-u ala.

Halyma kyl bir nazar, eý, jümle kutby gaýyban,
Mähdiýi-sahyp zaman, eý, şahy-mülki baka.

Gaýyby diýr, gelip köýüň, şah-a, eger kylsaň nazar,
Gylça janym ol eshabyň üçin bolsun pida. Goşgular